MAKTABGACHA VA MAKTAB TA'LIMI VAZIRLIGI

PEDAGOGIK MAHORAT VA XALQARO BAHOLASH ILMIY-AMALIY MARKAZI

Respublika Ta'lim Markazi

## 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN

# Özbegistan taryhy

## PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTATSIÝASYNY GEÇIRMEK BOYUNÇA METODIK TEKLIP WE MATERIALLAR



**2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERINIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN JEMLEÝJI BARLAG SYNAGLARYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA ÖZBEGISTAN TARYHY PREDMETINDEN SPESIFIKASIÝASY**

**Düzüjiler**: **Abdujalilowa Nigara Abdusattarowna -** Özbegistan Respublikasynyň mekdebe çenli we mekdep bilim ministrliginiň ýanyndaky ýöriteleşdirilen bilim agentligi ulgamyndaky Muhammet Al-Horezmi adyndaky daýanç ýöriteleşdirilen mekdebiň Taryh mugallymy

**Ekspert: Dehkanow Gaýrat Rozmatowiç -** Ýokary derejeli taryh we döwlet hukuk esaslary predmeti mugallymy**.**

9-njy synpy synpy gutaran okuwçylar Özbegistan taryhy sapagyndan tälim maksatnamasy boýunça belli derejede kompotensiýalara eýe bolýarlar.

Okuwçylaryň alan bilimi, başarnyk we endiklerini anyklamak üçin 2023-2024-nji okuw ýylynda 9-njy synplarda jemleýji barlag synagy ýazuw we dilden geçirilýär.

Her bir ekzamen bilediniň sorag we ýumuşlary Özbegistan taryhy predmeti boýunça umumy bilim berýän mekdebiniň 6-7-8-9-njy synplarynyň temalaryny öz içine alýar. Şonuň bilen birlikde, maslahatda bilmäge degişli soraglar, ulanmaga we pikirlenmäge degişli ýumuşlar boýunça bahalamak ölçegleri getirilen**.**

Her bir okuwçy bir sanydan bilet saýlap alýar. Biletde okuwça 5 sanydan sorag berilýär. Soraglaryň 2 sanysy bilmäge, 2 sanysy ulanmaga, 1 sanysy pikir ýöretmäge degişli boýar. Pikir ýöretmäge degişli soragy dilden tabşyrylýar. Okuwçy bilet soraglaryna jogap bermegi üçin 120 minut wagt berilýär.

Okuwçylaryň ýazuw görnüşli we dilden ýerine ýetiren işleri 100 ballyk ulgam esasynda:

0 – 29% – “kanagatlanarsyz”;
30–65% – “kanagatlanarly”;
66–85% – “ýagşy”;
86–100% – “örän gowy” baha ýaly bahalanýar.

Her bir wezipe üçin belgilenen balldan ýokary bal goýulmagyna ýol goýulmaýar.
Berlen ýumuşlardan jemleýji döwlet attestatsiýasynyň geçirlýän güni belgilenenden bir gün öň, işçi toparlar tarapyndan saýlap almak ýoly bilen 2 sany wariant düzülip, yglan edilýär.

| Özbegistan taryhy | Sany | Bilmek | Ulanmak | Pikirlenmek |
|---|---|---|---|---|
| Gadymy dünýä taryhynda Merkezi Aziýa. | | 1 | | |
| Orta asyrlar taryhy IV asyrdan XVI asyra çenli. | | 1 | | |
| “Üç hanlyklar döwri” XVI asyrdan XIX asyr ortalaryna çenli. | | | 1 | |
| XIX asyryň II ýarymy we XX asyr başyna çenli. | | | 1 | 1 |
| Jemi | **5** | **2** | **2** | **1** |

## ÝUMUŞ BOÝUNÇA BAHALAMAK ÖLÇEGLERI

| № | Bölümiň ady | | Ýumuş görnüşi | Ýumuş şekli | Bahalamak ölçegleri |
|---|---|---|---|---|---|
| **Gadymy dünýä taryhynda Merkezi Aziýa.** | | | | | |
| 1. | Gadym Gündogar we Merkezi Aziýa. Mil. öň. VI – mil. III asyrlarda Merkezi Aziýa. | B | Gysga jogaply | Jogap:______ | Soragyň jogaby ýazylýan bolup dogry jogab üçin **18 bal** bilen bahalanýar. Nädogry jogap üçin **0** bal berilýär. |
| **Orta asyrlar taryhy IV asyrdan XVI asyra çenli.** | | | | | |
| 2. | Arap halypalygy döwründe Mawerennahr. Mawerennahrda garaşsyz döwletleriň emele gelişi. Ata-babalarymyzyň ylmy mirasy edebiýata degişli ruhy hazyna. Emir Temur döwri taryhy. | B | Gysga jogaply | Jogap:_________ | Soragyň jogaby ýazylýan bolup dogry jogab üçin **18 bal** bilen bahalanýar. Nädogry jogap üçin **0** bal berilýär. |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **“Üç hanlyklar döwri” XVI asyrdan XIX asyr ortalaryna çenli.** | | | | | |
| 3. | XV asyryň soňy XVI asyryň başlarynda Mawerennahr we Horasandaky syýasy ýagdaý.<br>Buhara hanlygy we Buhara emirligi.<br>Hywa hanlygy.<br>XVIII-XIX asyryň birinji ýarymynda Kokan hanlygy. | U | Tablisaly test | Laýyklygy anyklamak | Tablisa görnüşindäki wezipede, her bir soraga onuň jogabyny gabat getirmek gerek bolýar. 3-4 sany sorag we 3-4 den köp dogry wariantlary berilýär. 1 sany soraga birnäçe jogaplar laýyk gelmegi mümkin. Dogry jogabyň hemmesi üçin - **21 bal** berilýär. 3 li soraglarda 1 sany dogry jogaba **7 bal**, 4 li soraglarda 1 sany dogry jogap üçin **5,25 bal** Nädogry jogap üçin **0 bal** berilýär. |
| **XIX asyryň II ýarymy we XX asyr başyna çenli** | | | | | |
| 4. | XIX asyr ortalarynda Özbek hanlyklarynyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşy.<br>Russiýa imperiýasynyň Merkezi Aziýany basyp almagy.<br>Russiýa imperiýasynyň Türküstan kononial syýasaty. | U | Karta | Kartada berlen meýdan | Kartada berlen meýdany anyklamak tabşyrmasy ýerine ýetirilse – **21 bal.** Meýdany anyklasa ýöne, tabşyrma ýerine ýetirmese – **10 bal.** Nädogry jogap üçin **0** bal berilýär. |
| 5. | XIX asyr ahyrynda Türküstandaky milliý-azatlyk hereketleri.<br>XIX asryň ikinji ýarymy- XX asyr başlaryda Garagalpaklar.<br>Jeditçilik hereketi we onuň Türküstan | M | Taryhy waka barada garaşsyz pikir bildirmek. | Agzeki | - Ýyl, aý-günleri dogry bilse - **3 bal;**<br>- Soragyň tebigatyny we ol bilen bagly meseleleri düşündirmek prosesinni bu günki güne baglap bilse – **5 bal;**<br>- Karta bilen işläp bilse- – **4 bal;**<br>- tema tankydy we |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | ykdysady-syýasy we medeni durmuşynyň ähmiýeti. Türküstan we brinji jahan urşy. XIX asyr ahyry – XX asyr başlarynda Buhara emirligi we Hywa hanlygy. Kolonial şertlerinde Türküstanda medeni durmuş. | | | | analitik baha bilip bilse – **5 bal;**<br>- Synag alyjy tarapyndan berlen tema degişli goşmaça soraglara jogap berip bilse – **5 bal**<br>**22 bal** |

**2023-2024-OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERINIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN ÖZBEGISTAN TARYHY PREDMETINDEN JEMLEÝJI SYNAG SORAGLARY.**

## 1-nji sorag BILMEK (18 bal) 6-njy synp Gadymy dünýä taryhy.

1. Mil. öň. VII-VI asyrlarda Özbegistan hem-de goňşy döwletlerde haýsy taýpalar ýaşapdyr? (Bilmek – 18 bal)
J:

2. Merkezi Aziýa sebitinde mil. öňki . VII asyrda haýsy gadymy döwletler emele gelipdir? (Bilmek – 18 bal)
J:

3. «Pygamber» sözi nähili manyny aňladýar? (Bilmek–18 bal)
J:

4. Kim bize şu günki günde zarduştylaryň mukaddes kitaby «Awesto» tekstleri bilen tanyşmak mümkinçiligini berdi? (Bilmek – 18 bal)
J:

5. Zarduştlaryň haýsy hudaýlary hormata sezawar bolan? (Bilmek – 18 bal)
J:

6. Zarduştylar ömrüniň düýp manysy nämelerden ybarat bolan? (Bilmek – 18 bal)
J:

7. Doro I hökümdarlygynyň ilkinji ýylynda nirede we kim başçylygynda uly halk gozgalaňy göterilen? (Bilmek – 18 bal)
J:

8. Merkezi Aziýa ýerlerini basyp almak üçin Aleksandr üç ýyllap synanyşyp haýsy çäkleri boýun egdirmegi başarýar? (Bilmek – 18 bal)
J:

9. Kuşan döwletine haçan we kim esas salan? (Bilmek – 18 bal)
J:

10. Beýik Ýüpek ýoly 12 müň kilometre çenli uzynlykda bolup, ol haýsy ýerlere çenli baran? (Bilmek -18 bal)
J:

## 2-nji sorag BILMEK (18 bal) 7-njy synp Özbegistan taryhy.

1. Mawerennahr sözüniň manysy näme? (Bilmek – 18 bal)
J:___________________________________________________________________

2. VIII asyr başynda Araplar tarapyndan Mawerennahry basyp almak üçin kim harby ýörişe ýolbaşçylyk edýär (Bilmek – 18 bal)
J:

3. Araplar tarapyndan basyp alan ýerlerine nähili salgytlar salýarlar? (Bilmek – 18 bal)
J:

4. “Ak geýimliler” gozgalaňy näçenji ýyllarda we kimiň ýol başçylygynda göterilen? (Bilmek – 18 bal)
J:

5. Kim 900-nji ýylda bütin Mawerennahr we Horasany öz eline alyp birleşdirip, Buhara şäherini bu iki döwletiň paýtagtyna öwüren? (Bilmek – 18 bal)
J:

6. Näme üçin Harezimşa Soltan Alawuddin “Iskenderi Sanyý” ady bilen beýgeldilen? (Bilmek – 18 bal)
J:

7. Kimiň haýyşy bilen “Ýa Watan, ýa hormatly ölüm” diýip aýdan çykyşy ýolbaşçylygynda her bir mähelledir, köçedir, güzerdir, metjit-medrese we her bir öýi jeň meýdanyna öwrüren? (Bilmek -18 bal)
J:

8. Çagataý ulusyna haýsy çäkler giren? (Bilmek -18 bal)
J:

9. Kimler IX-XII asyrlarda ylmyň ösmegine uly goşant goşanlar? (Bilmek – 18 bal)
J:

10. Taryhda “Laý urşy” ady bilen şöhrat gazanan urş haçan we kimler arasynda bolan? (Bilmek -18 bal)
J:

**3-nji sorag Ulanmak (21 bal) Tablisaly test, laýyk getiriň.**
**8-nji synp Özbegistan taryhy.**
**(1 soraga birnäçe jogap wariantlary laýyk gelmegi mümkin)**

1. Aşakdaky berlen hökümdarlary olar baradaky maglumatlar bilen laýyk getiriň. (Ulanmak)

1) Hüseýin Baýgara

2) Zahyretdin Muhammet Babyr

3) Muhammet Şeýbany han

a) Onuň döwründe döwletiniň hojalyk we medeni durmuşyep-esli beýgeldi.

b) Mawerennahrda täze özbek döwletini esaslandyran.

ç) Onuň arzuwy Emir Temur döwletiniň paýtagty bolan Samarkant tagtyny eýelemekdi.

d) Horasan tagtyny eýelän.

e) Onuň esasy maksady Temurylar dinastiýasyny bütinleý ýok etmek bolan.

f) 1500-nji ýylyň güýzinde Samarkanda ýöriş başlaýar.

| 1) | 2) | 3) |
|---|---|---|
| | | |

\

2. Buhara hanlaryny ýerine ýetiren reformalary bilen laýyk getiriň. (Ulanmak – 21 bal)

1) Ubaýdullahan

2) Abdullahan II

3) Muhammet Şeýbanyhan

a) Hanlyk ykdysadyýetini tertibe salmak we söwdany ösdürmek magsadynda pul reformasyny geçiren.

b) Mir Araba bagyşlap 1533-1536-njy ýyllarda Buharada onuň ady bilen meşhur medrese gurduran.

c) Hanlyk paýtagtyny Samarkantdan buhara göçürden.

d) Harby ugurda reforma geçiren.

e) Pul reformasyna görä täze kümüş teňňäniň bahasy 30 sany, könesi bolsa 27 sany mis teňňä deňleşdiren.

f) Reformalara çenli dolanyşykda bolan dürli ölçeg we agyrlykdaky teňňeler göwrümi birmeňzeş - 5,2 grammly täze kümüş we mis teňňe neşir edilen.

| 1) | 2) | 3) |
|---|---|---|
| | | |

.

3. Buhara hanlygyndaky döwlet emellerine ýüklenen wezipeler bilen laýyklaşdyryň? (Ulanmak – 21 bal)

1) Diwanbegi

2) Perwanaçy

3) Dadhah

a) Ýurtda adalat kriteriýalaryna amal edilmegini barlag edip baran.

b) Döwletiň maliýe we hojalyk işlerini dolandyran.

c) Ýurt howpsuzlygy, emiriň ýakynlary, dostlary we duşmanlary baradaky maglumatlary toplan.

d) Ýerine ýetiriji häkimiýete başçylyk eden.

e) Han permanlaryny, resmi resminamalary jogapkär adamlara, ýerine ýetirijilere ýetirmek.

4) Mehtar

f) Dergähe düşen arzalary kabul eden we olara jogap gaýtaran.

g) Zekat we başga düşümleriň zerur orunlarda ulanylyşyny barlag eden.

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

4. Hywa hanlygynda iş alyp baran taryhçy alymlary ýazan meşhur eserleri bilen laýyklaşdyryň. (Ulanmak – 21 bal)

1) Agahy

2) Abulgazy Bahadyrhan

3) Munis

a) “Iň gözel taryh”

b) “Firdöws ul-ykbal” (“Jennet bagy”)

c) “Döwletler gülşeni”

d) “Şejereýi türk we mongol”

e) “Döwletiň jennet bagy”

| 1) | 2) | 3) |
| --- | --- | --- |
| | | |

5. Bu hökümdarlary syýasy işleri bilen baglanyşykly maglumatlar bilen laýyklaşdyryň. (Ulanmak– 21 bal)

1) Allagulyhan

2) Muhammet Rahymhan I

3) Abulgazy Bahadyrhan

a) “Şejereýi türk” eserini ýazan

b) Buhara garşy uruşda heläk bolan

c) Gandimiýan şertnamasyna gol goýan

d) Hywa şäheri gorag diwary bilen gurşalan.

e) Hywa hanlygyny syýasy tarapdan birleşdirmäge girişen

| 1) | 2) | 3) |
| --- | --- | --- |
| | | |

6. Hywa hanlygyndaky salgyt we mejburyýetler hakyndaky maglumatlary laýyk getiriň. (Ulanmak – 21 bal)

1) Salgyt

2) Zekat

a) Hywa hanlygyndaky ýer salgydy

b) 12 günlik döwlet mejburyýet bolup, obanyň her bir maşgalasyndan bir kişiden adam gatnaşdyrylan

c) Uruş wagtynda raýatdan alynan.

3) Barot

4) Begar

d) Hünärmentler, daşky söwda bilen meşgullanýan söwdagärler, çarwadarlar tölän.

e) Hywa hanlygyndaky esasy salgyt görnüşi.

f) Ýylyň başynda ýa-da birnäçe ýyllyk salgyt öňünden öndürilmegi.

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

7. Garagalpak edebiýaty wekillerini ýazan eserleri bilen laýyklaşdyryň. (Ulanmak– 21 bal)

1) Jiýen Jyraw

2) Ajiniýaz

a) ”Gerek”, “Bolýar”, “Bolmasa”, “Ýagşy”, “ Ýigitler”

b) “Bolmadyk”, “Ömrüm” we “Salgyt”, “Ogluma”, “Akmak bolma”

3) Berdak

4) Günhoja Ybrahym

c) “Eý ýigitler, ýigitler”

d) “Ajiniýaz”

e) “Alpamyş”, “Kyrkgyz”

f) “Orakçylar”, “Çopanlar”, “Il bilen”

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

8. Kokan hanlygynda hökümdarlary olar hakyndaky maglymatlar bilen laýyklaşdyryň. (Ulanmak – 21 bal)

a) Pul basyp çykarmak arkaly özüni resmi hökümdarlygyny tassyklan

1) Narbotabiý

2) Alymhan

3) Omarhan

4) Muhammet Alihan (Madalihan)

b) Özünden närazy bolan şazadalary dürli welaýat we etraplar häkimi edip saýlady. Şu ýol bilen oppozisiýanyň garşylygyny gowşatdy.

c) Onuň döwründe Kokant hanlygy Emir Nasrulla tarapyndan basyp alynan.

d) Onuň döwründe Osmanaly döwlet soltany Kokan hanlygynyň Buhara emirliginden doly garaşsyz döwletdigini boýun aldy.

e) Garyp we galandarlara ýer hem-de çarwa mallary berip, olary zähmete gönükdiren.

f) Kokan hanlaryndan birijli bolup hanlygyň fals diýip atlandyrylan öz pulyny basyp çykardan.

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

9. Kokan hanlygyndaky döwlet emellerine ýüklenen wezipeleri bilen laýyklaşdyryň. (Ulanmak - 22 bal)

1) Guşbegi

2) Mürze

3) Müňbaşy

4) Diwanbegi

a) Baş wezir, goşunyň Baş serkerdesi we daşky syýasat meselelerinde hanyň baş maslahatçysy bolan.

b) Hanyň gizlin maslahatçysy, aýratyn wezipeleri bejeriji, zeruryýet bolanda çapar edip iberilýän resmi şahs.

c) Hanlyk diwanhanasyna başçylyk eden, şeýle hem, maliýe işlerini dolandyran.

d) Hazyna düşen düşümiň hasap-kitabyny alyp baran.

e) Öz goşunyna beglik häkimi.

f) Hanlyk howsyzlyk hyzmatyny dolandyran.

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

10. Kokan hanlygynda salgytlar we olar hakyndaky maglumatlary laýyklaşdyryň. (Ulanmak– 21 bal)

a) Göçmençi çarwadarlardan mal başyna we garasyna garap alynýan zekat.

1) Hyraç

b) Zekat tölemeýän taýpalaryň bege berýän 9 enjamdan ybarat sowgatlary bolan.

2) Garabaşy

c) Bahar gelende täze ýaýlalara göçmekden öň maşgala başyna bir sanydan goýun bilen alynýan salgyt.

3) Tüsse haky

d) Ýylyň ilkibaşynda ýa-da bir näçe ýyllyk salgyt öňünden öndürilişi.

4) Ýygym salgyt

e) Esasy salgyt bolup, onuň mukdary ekin ekilýän ýer meýdany we ekin görnüşine garap hasylyň 1/3-1/5 bölegi deň bolan.

f) Bu zekaty etmekde mallar goralarynda duranda ýygnap alynan.

| 1) | 2) | 3) | 4) |
|---|---|---|---|
| | | | |

**4-nji sorag Ulanmak (21 bal) Karta bilen işlemek.**
**9-njy synp Özbegistan taryhy.**

1. XIX asyryň ortalaryna degişli karta esasynda Buhara emirligi bilen goňşy döwletler we ilaty barada maglumat beriň (Ulanmak- 21 bal)



JOGAP:

2. XIX asyr ortalaryna çeni karta esasynda Hywa hanlygynyň ýeri, araçäk döwletleri we raýatlary hakynda maglumat beriň. (Ulanmak – 21 bal)



Jogap:

3. XIX asyr ortalaryna degişli karta esasynda Kokan hanlygynyň çägi, serhetdeş döwletleri we raýatlary hakynda maglumat beriň. (Ulanmak – 21 bal)



Jogap:

4. Russiýa imperiýasynyň Merkezi Aziýany basyp almak prossesini yzygiderlikde aşakdaky karta arkaly düşündiriň. (Ulanmak – 21 bal)




Jogap:

5. Aşakdaky karta esasynda Türkistan general gubernatorlygy welaýatlary hakynda maglumat beriň. (Ulanmak – 21 bal)


TOSHKENT
SAMARQAND
BUXORO
XIVA
ERON
TOSHKENT Turkiston general-gubernatorligi poytaxti
XIVA Xonliklar poytaxti
Rossiya imperiyasining chegaralari
Turkiston general-gubernatorligi chegaralari
Buxoro amirligi va Xiva xonliklari chegaralari
Turkiston general-gubernatorligi viloyatlari chegaralari
Temiryo'llari va temiryo'l bo'limlarining ochilgan yili
Karvon yo'llari

Jogap:

6.Kartadaky şäheri anyklap, şäher hakynda maglumat beriň. (Ulanmak – 21 bal)




Jogap:

7. Aşakdaky karta esasynda  Russiýa imperiýasynyň Hywa hanlygyna garşy harby ýörişleri we onuň netijesinde basyp alan çäkleri hakynda maglumat. (Ulanmak–21 bal)




Jogap:

8. Karta esasynda aşakdaky ýyllarda Russiýa imperiýasy tarapyndan basyp alynan ýerler barada maglumat beriň. (Ulanmak – 21 bal)



1. 1847-1865-nji ýyllarda

2. 1865-1868-nji ýyllarda

3. 1873-1879-njy ýyllarda

4. 1880-1885-nji ýyllarda

9. Karta esasynda Türküstan general –gubernatorlygynyň adminstratiw – çäginiň düzülişini düşündiriň. (Ulanmak – 21 bal)




Jogap:

5. Kartada sifrlenen Türküstan general-gubernatorlygynyň araçäk döwletlerini anyklap, döwletlerara gatnaşykaryny düşündiriň.

(Ulanmak- 21 bal)




Jogap: ______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

## 5-nji sorag PIKIRLENMEK (22 bal) 9-njy synp Özbegistan taryhy.

1. Milli- azatlyk hereketleriniň başlanmagyna näme sebäp bolupdyr, näme edilende beýle hereketleriň öňi alynýar? (Pikirlenmek– 22 bal)

2. “Näme diýip pikir edýärsiňiz, nämeler edilende “Mergi gozgalaň”ynyň (“Waba ysýany”) öňi alynan bolardy? (Pikirlenmek– 22 bal)

3. Siziň pikriňize görä, Andijan gozgalaňy (Dukçi Işan) näme üçin ýeňildi? (Pikirlenmek – 22 bal)

4. Näme sebäpden, XIX asyryň soňy – XX asyryň başlarynda Garagalpaklarda halk gozgalaňlary bolýar? (Pikirlenmek – 22 bal)

5. Siziň pikriňize görä, Merkezi Aziýada jeditçilik hereketiniň emele gelmegine näme sebäp bolan we olar nähili ýagdaýlarda iş alyp barmaga mejbur bolupdyrlar? (Pikirlenmek – 22 bal)

6. Siziň pikriňize görä, Jyzzah gozgalaňy näme sebäpden ýeňilmäge duçar bolan? (Pikirlenmek – 22 bal)

7. Näme diýip oýlaýarsyňyz, näme edilende Buhara emirligi ýykylmadyk bolardy? (Pikirlenmek – 22 bal)

8. Ýaş buharalylaryň iş prossesindäki oňyn we erbet taraplaryny derňew ediň. (Pikirlenmek – 22 bal)

9. Siziň pikriňize görä, Hywa hanlygynyň ýatyrylmagyny nähili saklap galmak mümkindi? (Pikirlenmek – 22 bal)

10. Näme diýip oýlaýarsyňyz, Merkezi Aziýada medeni ýaşaýşyň ösmeginde jeditçileriň orny nähili bolan? (Pikirlenmek – 22 bal)